«Aşgabat gazna biržasynyň Listing hakynda tertibini»
Paýdarlarynyň Umumy Ýygnagynyň
2017-nji ýylyň 1-nji martyndaky
8 belgili Teswirnamasy bilen
TASSYKLANYLDY

# AŞGABAT GAZNA BIRŽASYNYŇ LISTING HAKYNDA TERTIBI

Şu Tertip, “Gymmatly kagyzlar bazary hakynda” Türkmenistanyň kanunyna, “Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň 2012 – 2016-njy ýyllar üçin döwlet maksatnamasy hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 18-nji noýabryndaky 11906-njy Kararyna, şeýle hem Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenip taýýarlandy we emissiýa edilen gymmatly kagyzlaryň Gazna biržasynyň söwdalarynda dolanyşykda bolmagyna rugsat bermegiň tertibini belleýär.

## I. Umumy düzgünler

### 1. Düşünjeler

**1.1.** Şu Tertipde peýdalanylýan düşünjeler şulary aňladýar:

**Gazna biržasy** – Gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysy we gymmatly kagyzlar bazarynda söwdanyň guramaçysy bolup, gymmatly kagyzlar bazarynyň gatnaşyjylarynyň arasynda emissiýaly gymmatly kagyzlar we beýleki maliýe gurallary bilen raýat-hukuk geleşikleriniň gös-göni baglaşylmagyna ýardam edýän hyzmatlary amala aşyrýan tarap;

**Gazna biržasynyň içerki resminamalary (Içerki resminamalar) –** Gazna biržasynyň tertipnamasy, kadalary, içerki işlerini düzgünleşdirýän beýleki resminamalary we Gazna biržasynyň dolandyryş edaralarynyň öz ygtyýarlygynyň çäklerinde kabul eden çözgütleri;

**Ygtyýarlylandyryjy edara** – Türkmenistanyň Maliýe ministrligi;

**Ygtyýarly edara** – Türkmenistanyň Maliýe ministrligi;

**Emissiýa** – emitent tarapyndan gymmatly kagyzlaryň goýberilmegi we olaryň raýat-hukuk geleşikleriniň baglaşylmagy arkaly birinji eýelerine ýerlenilmegi;

**Emissiýaly gymmatly kagyzlar** – şol bir wagtyň özünde şu alamatlary bilen häsiýetlendirilýän gymmatly kagyzlar:

a) «Gymmatly kagyzlar bazary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda bellenilen görnüşiň hem-de tertibiň berjaý edilmegi bilen tassyklanylmaga, geçirilmäge we amala aşyrylmaga degişli bolan emläk hukuklaryny berkidýärler;

b) Goýberilişler bilen ýerleşdirilýärler;

ç) Özleriniň satyn alnan wagtyna garamazdan, bir goýberilişiniň içinde hukuklaryň amala aşyrylmagynyň deň möçberi we möhletleri bar.

**Emissiýanyň prospekti** – emitent, onuň maliýe ýagdaýy, goýberýän gymmatly kagyzlarynyň möçberi we olaryň goýberilmeginiň şertleri barada, şeýle hem «Gymmatly kagyzlar bazary hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda başga maglumatlary özünde jemleýän resminama;

**Gymmatly kagyzlar** – mälim edilende birine geçirilmegi we amala aşyrylmagy mümkin bolan, özünde berkidilen emläk hukuklaryny tassyklaýan resminamalar. Gymmatly kagyzlar atly we teklip ediji üçin bolup bilýärler:

*Atly gymmatly kagyzlar* – özlerine bolan hukuklaryň geçmegi we olarda berkidilen emläk hukuklarynyň durmuşa geçirilmegi eýesiniň hökmany kybaplaşdyrylmagy we onuň adynyň gymmatly kagyzlaryň eýeleriniň sanawynda bellige alynmagy talap edilýän gymmatly kagyzlar;

*Teklip ediji üçin gymmatly kagyzlar* – özlerine bolan hukuklaryň geçmegi we olarda berkidilen emläk hukuklarynyň durmuşa geçirilmegi eýesiniň hökmany kybaplaşdyrylmagy talap edilmeýän gymmatly kagyzlar;

*Maýa goýum (düýpli) gymmatly kagyzy* –atly gymmatly kagyzyň ýa-da teklip ediji üçin gymmatly kagyzyň maýa goýum serişdesi hökmünde dolanyşykda bolýan we ýuridik şahsyň maýasynda maýa goýum paýy, oňa gatnaşmagyň paýy ýa-da başga bähbitli görnüşde eýeçiligiň bardygyny tassyklaýan görnüşi.

**Gymmatly kagyzlar bazary** – fiziki we ýuridik şahslaryň gymmatly kagyzlaryň emissiýasy we dolanyşygy bilen baglanyşykly gatnaşyklarynyň jemi;

**Obligasiýa** – gymmatly kagyzlaryň bir görnüşi bolup, öz eýesiniň emitentden emissiýasynyň şertlerine laýyklykda we bellenilen möhletde onuň nominal bahasyny ýa-da başga emläk ekwiwalentini almaga bolan hukugyny berkidýän maýa goýum gymmatly kagyz. Obligasiýa boýunça girdeji göterim we (ýa-da) diskont bolup durýar;

**Gymmatly kagyzlaryň dolanyşygy** – gymmatly kagyzlara bolan eýeçilik hukugynyň geçmegine getirýän raýat-hukuk geleşiginiň baglaşylmagy;

**Gymmatly kagyzyň eýesi** – gymmatly kagyz özüne eýeçilik hukugynda ýa-da gaýry zat hukugynda degişli bolan şahys;

**Gymmatly kagyzlaryň resminamalaşan görnüşi** – gymmatly kagyzlara bolan emläk hukuklary kagyz göterijisinde bellenilýän we eýesi bolmalysy ýaly görnüşde resmileşdirilen gymmatly kagyzyň ýa-da gymmatly kagyzyň sertifikatynyň görkezilmegi esasynda anyklanylýan, ýa-da sertifikat deponirlenen halatynda – deponyň hasaby boýunça ýazgy esasynda anyklanylýan gymmatly kagyzlaryň görnüşi;

**Gymmatly kagyzlaryň resminamalaşmadyk görnüşi** – gymmatly kagyzlara bolan emläk hukuklary gymmatly kagyzlaryň eýeleriniň sanawynda bellenilýän we eýesi görkezilen sanawdaky ýazgy esasynda anyklanylýan ýa-da gymmatly kagyz deponirlenen halatynda – deponyň hasaby boýunça ýazgy esasynda anyklanylýan gymmatly kagyzlaryň görnüşi;

**Gymmatly kagyzlaryň sertifikaty** – emitent tarapyndan gymmatly kagyzlaryň eýesine onuň sertifikatda görkezilen gymmatly kagyzlarynyň sanyna bolan hukuklarynyň tassyklanylmagy üçin berilýän resminama;

**Gymmatly kagyzlar bilen geleşikleri ýerine ýetirmek (Geleşikleri ýerine ýetirmek)** – taraplaryň geleşiklerden gelip çykýan borçnamalary ýerine ýetirmek ýoly bilen gymmatly kagyzlar boýunça hasaplaşyklary amala aşyrmagy;

**Resmi sanaw** – Gazna Biržasynyň Söwda ulgamynda dolanyşykda bolmaga rugsat edilen gymmatly kagyzlaryň ähli görnüşleriniň Gazna Biržasynyň Içerki resminamalaryna laýyklykda düzülen we tassyklanan sanawy;

**Gazna biržasynyň makleri** – Gazna biržasynyň Birža söwdalaryny guramak we geçirmek boýunça jogapkär işgäri;

**Dellal** - degişli ygtyýarnamanyň esasynda işini amala aşyrýan gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysy bolup, tabşyryk ýa-da komissiýa şertnamasy esasynda hereket edýän ýa-da komissioner hökmünde gymmatly kagyzlar bilen raýat-hukuk geleşiklerini amala aşyrýan ýuridik şahys. Dellal müşderiniň tabşyrygy boýunça we serişdeleriniň hasabyna onuň bähbitlerinde hereket edýär;

**Diler** – degişli ygtyýarnamanyň esasynda işini amala aşyrýan gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysy bolup, öz adyndan we öz hasabyna satyn alyş we (ýa-da) satyş nyrhlarynyň jemagat yglan edilmegi arkaly ol gymmatly kagyzlar boýunça geleşikleriň yglan edilen nyrhlar boýunça ýerine ýetirilmeginiň borçnamasy bilen gymmatly kagyzlaryň satyn alnyş-satylyş geleşiklerini amala aşyrýan ýuridik şahys;

**Rugsat soraýan tarap** – edara görnüşli tarap, onuň başlangyjy bilen emitentiň gymmatly kagyzlarynyň Birža söwdalarynda dolanyşykda bolmagyna rugsat berilýär. Rugsat soraýan tarap hökmünde emitentiň özi hem, başga islendik gurama hem çykyş edip biler;

**Market-meýker** – Gazna Biržasy tarapyndan agza hökmünde ykrar edilen we belli bir görnüşdäki gymmatly kagyzlar boýunça ikitaraplaýyn kesilen nyrhlary yzygiderli yglan etmek we goldamak borjuny öz üstüne alan Gazna Biržasynyň agzasy;

**Biržanyň agzasynyň treýderi (Treýder)** – Biržanyň agzasynyň adyndan Birža tarapyndan geçirilýän gymmatly kagyzlar bilen söwdalara gatnaşýan şahsy tarap;

**Söwdalara gatnaşyjy** – Söwda ulgamynda (Meýdançada) gymmatly kagyzlar bilen geleşikleri baglaşmaga rugsat berlen we Birža tarapyndan geçirilýän gymmatly kagyzlar bilen söwdalara gatnaşýan Biržanyň agzasy;

**Anderraýter** – maýa goýujy kompaniýa bolup, emitent bilen şertnama esasynda gymmatly kagyzlaryň emissiýasyny guramak boýunça dellalçylyk hyzmatlaryny edýän gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysy;

**Listing** – Emissiýaly gymmatly kagyzlaryň we beýleki maliýe gurallarynyň gazna birža söwdalaryna goýberilmegi;

**Delisting** –Emissiýaly gymmatly kagyzlaryň we beýleki maliýe gurallarynyň gazna birža söwdalaryndan aýrylmagy;

**Listing kompaniýalary** – gymmatly kagyzlary Resmi sanawa goşulan edara görnüşli taraplar;

**Listing kompaniýasynyň maýalaşmagy** – paýnamanyň bazar bahasyny listing kompaniýasynyň tölenen paýnamalarynyň sanyna köpelmek;

**Lot** – Gazna biržasy tarapyndan bellenen, gymmatly kagyzlaryň Gazna birža söwdalarynda baglaşylýan geleşikleriň birligi bolup durýan gymmatly kagyzlaryň bukjasy;

**Bahalandyrmak (kotirowka)** – Gymmatly kagyzlaryň bahalarynyň Gazna Biržasynyň söwdalarynda bellige alnan görkezijileri (bahalar, möçberler we beýleki mümkin bolan görkezijiler). Gazna Biržasynyň agzalarynyň gymmatly kagyzlar bilen geleşikleri baglaşmak üçin talaplarynyň we tekliploriniň Birža söwdalarynda bellige alnan görkezijileri, ýagny satyn almagyň aňrybaş çäkleri, satmagyň iň pes bahalary we möçberleri, talaplaryň we teklipleriň gabatlaşdyrylmagynyň (kanagatlandyrylmagynyň) netijeleri.
Birža tarapyndan amala aşyrylýan, Birža söwdalarynda dolanyşyga goýberilen gymmatly kagyzlar bilen söwdalaryň netijeleri baradaky maglumatlary toplamak, işlemek we yglan etmek;

**Iki ugurly bahalandyrmak** – gymmatly kagyzlaryň Biržanyň agzasy tarapyndan yglan edilen satyn alynýan we/ýa-da satylýan bahasy.
Iki ugurly bahalandyrylanda, Biržanyň agzasy gymmatly kagyzlaryň satyn alynjak bahasyny hem, satyljak bahasyny hem görkezýär. Biržanyň agzasy bu bahalar boýunça yglan eden ýa-da onuň kabul eden şertlerinde geleşik baglaşmaga taýýardyr;

**Indikatiw bahalandyrmak** – gymmatly kagyzlaryň Biržanyň agzasy tarapyndan yglan edilen satyn alynýan we/ýa-da satylýan bahasy.
Indikatiw bahalandyrylanda, Biržanyň agzasy bu bahalar boýunça yglan eden ýa-da onuň kabul eden şertlerinde geleşikleri baglaşman hem biler;

**Berk bahalandyrmak** – gymmatly kagyzlaryň Biržanyň agzasy tarapyndan yglan edilen satyn alynýan we/ýa-da satylýan bahasy.
Berk bahalandyrylanda Biržanyň agzasy bu bahalar boýunça yglan eden ýa-da onuň kabul eden şertlerinde geleşikleri baglaşmaga gyşarnyksyz ylalaşýandygyny aňladýar;

**Biržanyň Söwda ulgamy (Söwda ulgamy)** – özara baglanyşykly jaýlaryň, enjamlaryň, esbaplaryň, maglumat-tehniki serişdeleriň, Içerki resminamalaryň we beýleki zerur bolan aktiwleriň we düzgünleriň jemi, olar arkaly Biržanyň agzalarynyň arasynda gymmatly kagyzlar bilen geleşikler baglaşylýar;

**Birža meýdançasy (Meýdança)** – Söwda ulgamynyň bir bölegi bolup, ol bu ulgamyň beýleki böleklerinden söwdalara gatnaşýanlara we onda dolanyşykda bolýan gymmatly kagyzlara bildirilýän özboluşly talaplar, şeýle hem gymmatly kagyzlar bilen geleşikleri baglaşmagyň we olary ýerine ýetirmegiň şertleri bilen tapawutlanýar;

**Söwda ulgamynda (Meýdançada) dolanyşykda bolmak** – gymmatly kagyzyň Söwda ulgamynda (Meýdançada) baglaşylýan geleşigiň predmeti bolmak mümkinçiligi;

**Biržanyň Söwda güni (Söwda güni)** – senenama gününiň çäklerinde Birža tarapyndan bellenen döwür, onuň dowamynda Biržanyň Söwda ulgamynda gymmatly kagyzlar bilen geleşikler baglaşylyp bilinýär;

**Biržanyň Söwda sessiýasy (Söwda sessiýasy)** – Söwda gününiň bir bölegi. Eger Söwda güni Birža tarapyndan aýry-aýry böleklere bölünmeýän bolsa, onda "Biržanyň Söwda güni (Söwda güni)" we "Biržanyň Söwda sessiýasy (Söwda sessiýasy)" düşünjeler deň manyly bolup durýar;

**Biržanyň ýörite hasaby** –Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, Biržanyň haýsy bir bankdaky ýörite hasaby;

**TMB** - Türkmenistanyň Merkezi banky;

**Depozitariý** – gymmatly kagyzlar bazarynyň ýörüteleşdirilen hünärli gatnaşyjysy bolup, depozitariniň hyzmatlaryndan peýdalanýan şahys – deponent bilen baglaşylan depozitar şertnamanyň esasynda gymmatly kagyzlaryň saklanylmagy

we (ýa-da) gymmatly kagyzlara bolan hukuklaryň geçmeginiň hasaba alynmagy boýunça hyzmatlary edýän edara görnüşli tarap;

**"Depo" hasaby** – Gymmatly kagyzlar bazarynyň hünärli gatnaşyjysynyň Depozitariýdäki hasaby. "Depo" hasaby nominal saklamak we/ýa-da gymmatly kagyzlary hasaba almak üçin niýetlenýär;

**T+0 usuly** – Birža söwdalarynda baglaşylan geleşikler boýunça hasaplaşyklaryň usuly. T+0 usulynda baglaşylan geleşikler boýunça hasaplaşyklar, geleşikleriň baglaşylan güni amala aşyrylýar. T – söwdalaryň geçirilen gününiň şertli aňlatmasy, 0 – baglaşylan geleşikler boýunça gutarnykly hasaplaşyklary geçirmek üçin bellenen iş günleriniň sany;

**T+N usuly** – Birža söwdalarynda baglaşylan geleşikler boýunça hasaplaşyklaryň usuly. T+N usulynda baglaşylan geleşikler boýunça gutarnykly hasaplaşyklary geçirmek üçin bellenen iş günleriniň sany "N" şertli aňlatmasyna deňdir. "N" şertli aňlatmasy 3 (üç) iş günden köp bolmaly däldir;

**T+3 usuly** – Birža söwdalarynda baglaşylan geleşikler boýunça hasaplaşyklaryň usuly. T+3 usulynda baglaşylan geleşikler boýunça gutarnykly hasaplaşyklar, geleşikleriň baglaşylan gününden soň, üçünji iş günden gijä galman amala aşyrylýar;

**"Outright" usuly** – Birža söwdalarynda baglaşylan geleşikler boýunça hasaplaşyklaryň usuly. "Outright" usulynda baglaşylan geleşikler boýunça hasaplaşyklaryň senesi, geleşik baglaşylan pursatda Gazna Biržasy tarapyndan kesgitlenýär. Hasaplaşyklaryň möhleti 3 (üç) iş günden köp bolmaly däldir.

## 2. Listinge degişli gymmatly kagyzlar

**2.1.** Biržada dolanyşyga goýberilmegi göz öňünde tutulýan şu gymmatly kagyzlar listinge degişlidir:

- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda edara görnüşli taraplarynyň emissiýa eden gymmatly kagyzlary;
- Beýleki gymmatly kagyzlar, Gazna Biržasyndaky dolanyşyga (söwdalara) diňe ýörite düzülen topar tarapyndan seredilip, listing düzgünlerini geçenden soň goýberilýär.

**2.2.** Gazna Biržasynda dolanyşyga goýberilmegi göz öňünde tutulýan şu gymmatly kagyzlar listinge degişli däldir:

- Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi bilen çykarylan we Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan çykarylan Türkmenistanyň döwlet gymmatly kagyzlary;

- Özleriniň binýatlyk aktiwi Gazna biržasynda dolanyşyga (söwdalara) goýberilen gymmatly kagyzlar bolup duran döredilen gymmatly kagyzlar.

### 3. Listing ýygymy

**3.1.** Gazna biržasynyň listing kompaniýalaryndan ýa-da rugsat soraýan tarapdan listing ýygymyny tutup alýar. Listing ýygymynyň möçberi, ony tölemegiň tertibi we möhletleri içerki resminamalar boýunça kesgitlenýär.

**3.2.** Gymmatly kagyzlaryň delistingi geçirilende, listing ýygymy gaýtarylmaga degişli däldir.

## II. Listing

### 4. Listing talaplary

**4.1.** Gymmatly kagyzlary Gazna biržasynda dolanyşyga goýbermegiň dürli derejeleri (kategoriýalary) bardyr. Resmi sanawyň bar bolan derejeleriniň biri boýunça gymmatly kagyzlary goşmak üçin, listing kompaniýasy hukuk derejesini almagy maksat edinýän guramalar şu talaplara laýyk gelmelidir.

**4.2.** Olaryň paýnamalaryny "A" derejesi boýunça Resmi sanawa goşmak üçin listing kompaniýalaryna bildirilýän talaplar:

**4.2.1.** Obligasiýalary şu sanawa goşulýan emitent şu talaplara laýyk gelmelidir:

**a)** Maýasy türkmen manadynda ABŞ-nyň bir million dollarynyň ekwiwalentinden pes bolmaly däl. Maýany hasaplamak şu aşakda beýan edilenlere laýyklykda geçirilýär:

- Berlen soňky balans hasabatyna laýyklykda listing kompaniýasynyň aktiwleri bilen onuň borçnamalarynyň arasyndaky tapawut hökmünde hasaplanyp çykarylýan hususy serişdeler kompaniýanyň maýasy hökmünde seredilýär;

- Banklaryň we bank däl karz edaralarynyň hususy serişdelerini hasaplamak Türkmenistanyň Merkezi bankynyň talaplarynda bellenen usula laýyklykda geçirilýär.

b) Azyndan üç ýyl öň döredilen (ýuridik şahys hökmünde hasaba alnan) bolmalydyr;

ç) Soňky üç ýylyň dowamynda ýitgisiz işlän bolmalydyr, bu ýagdaý birkemsiz abraýy bolan halkara auditory tarapyndan tassyklanmalydyr;

d) Diwidendleri tölemek boýunça bergi bolmaly däldir;

e) Azyndan nominal saklaýyşda türkmen manadynda ABŞ-nyň 300 müň dollarynyň ekwiwalentinden az bolmadyk möçberde rugsat edilen gymmatly kagyzlary bolmalydyr;

ä) Esaslandyryş we beýleki resminamalarynda, paýnamalary bermek boýunça paýnamalaryň eýeleriniň hukuklaryny kemsidýän ýa-da çäklendirýän kadalar bolmaly däldir;

f) Gymmatly kagyzlaryň Resmi sanawyna goşulan pursatynda açyk paýdarlar jemgyýeti görnüşinde guralan bolmalydyr;

g) Paýnamalaryň azyndan 10.000 sanysyny emitirlemelidir (çykarmalydyr);

h) Gazna biržasynyň agzalarynyň biriniň Gazna biržasynda dolanyşyga (söwdalara) goýberilýän paýnamalar boýunça market-meýkeriň wezipesini ýerine ýetirmäge razylygy barada onuň ýazmaça tassyklamasy bolmalydyr;

i) Bellige alnan esaslyk maýanyň ululygy babatynda talap bellenmeýär;

**j)** Maliýe hasabatlylygyny Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda düzmeli we köpçülikleýin habar beriş serişdesilerinde şol sanda elektron görnüşinde çap etmeli.

**4.2.2.** Emitentiň paýnamalary Gazna biržasynyň "A" derejeli Resmi sanawyna, eger kompaniýanyň dowam edýän möhleti iki ýyldan az bolmasa, şu bölegiň 4.2.1 (b) bölüminiň talaplaryny hasaba almazdan, Gazna biržasy tarapyndan döredilen ýörite toparyň çözgüdi boýunça goşulyp bilner.

**4.3.** Listing kompaniýalarynyň obligasiýalaryny "A" derejeli Resmi sanawa goşmak üçin kompaniýalara bildirilýän talaplar:

**4.3.1.** Obligasiýalary şu sanawa goşulýan emitent şu talaplara laýyk gelmelidir:

**a)** Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan guramaçylyk-hukuk görnüşleriniň biri boýunça ýuridik şahys tarap hökmünde bellige alynmalydyr;

**b)** Hususy serişdesi türkmen manadynda ABŞ-nyň bir million dollarynyň ekwiwalentinden pes bolmaly däl;

**ç)** Azyndan üç ýyl öň döredilen (ýuridik şahys hökmünde hasaba alnan) bolmalydyr;

**d)** Soňky üç ýylyň dowamynda ýitgisiz işlän bolmalydyr, bu ýagdaý birkemsiz abraýy bolan halkara auditory tarapyndan tassyklanmalydyr;

**e)** Gazna biržasynyň agzalarynyň biriniň Gazna biržasynda dolanyşyga goýberilýän paýnamalar boýunça market-meýkeriň wezipesini ýerine ýetirmäge razylygy barada onuň ýazmaça tassyklamasy bolmalydyr;

**ä)** Maliýe hasabatlylygyny Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda düzmeli we köpçülikleýin habar beriş serişdesilerinde şol sanda elektron görnüşinde çap etmeli;

**f)** Bellige alnan esaslyk maýanyň ululygy we paýdarlaryň (gatnaşýanlaryň) sany babatynda talap bellenmeýär.

**4.3.2.** Obligasiýalary çykarmak şu talaplara laýyk gelmelidir:

a) Çykarmagyň şertlerinde obligasiýalaryň eýeleriniň olary bermek (bir tarapyň haýryna almak) hukuklaryny kemsidýän ýa-da çäklendirýän kadalar bolmaly däldir;

b) Obligasiýalaryň emissiýasynyň iň pes möçberi türkmen manadynda ABŞ-nyň ýüz müň dollarynyň ekwiwalentinden we obligasiýalaryň sany müňden az bolmaly däldir.

4.4. Listing kompaniýalarynyň paýnamalaryny "B" dereje boýunça Resmi sanawa goşmak üçin kompaniýalara bildirilýän talaplar:

4.4.1. Paýnamalary şu sanawa goşulýan emitent şu talaplara laýyk gelmelidir:

a) Azyndan bir ýyl öň döredilen (ýuridik şahys hökmünde hasaba alnan) bolmalydyr;

b) Azyndan nominal saklaýyşda türkmen manadynda ABŞ-nyň 100 müň dollarynyň ekwiwalentinden az bolmadyk möçberde rugsat edilen gymmatly kagyzlary bolmalydyr;

ç) Hususy serişdesi türkmen manadynda ABŞ-nyň 300 müň dollarynyň ekwiwalentinden pes bolmaly däl;

d) Esaslandyryş we beýleki resminamalarynda, paýnamalary bermek boýunça paýnamalaryň eýeleriniň hukuklaryny kemsidýän ýa-da çäklendirýän kadalar bolmaly däldir;

e) Gymmatly kagyzlaryň Resmi sanawyna goşulan pursatynda açyk paýdarlar jemgyýeti görnüşinde guralan bolmalydyr;

ä) Paýnamalaryň azyndan 5.000 sanysyny emitirlemelidir (çykarmalydyr);

f) Bellige alnan esaslyk maýanyň ululygy babatynda talap bellenmeýär;

g) Maliýe hasabatlylygyny Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda düzmeli we köpçülikleýin habar beriş serişdesilerinde şol sanda elektron görnüşinde çap etmeli.

**4.5.** Listing kompaniýalarynyň obligasiýalaryny "B" dereje boýunça Resmi sanawa goşmak üçin kompaniýalara bildirilýän talaplar:

**4.5.1.** Obligasiýalary şu sanawa goşulýan emitent şu talaplara laýyk gelmelidir:

**a)** Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan guramaçylyk-hukuk görnüşleriniň biri boýunça ýuridik şahys tarap hökmünde bellige alynmalydyr;

**b)** Azyndan bir ýyl öň döredilen (ýuridik şahys hökmünde hasaba alnan) bolmalydyr;

**ç)** Bellige alnan esaslyk maýanyň ululygy babatynda talap bellenmeýär;

**d)** Maliýe hasabatlylygyny Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda düzmeli we köpçülikleýin habar beriş serişdesilerinde şol sanda elektron görnüşinde çap etmeli.

**4.5.2.** Obligasiýalary çykarmak şu talaplara laýyk gelmelidir:

**a)** Çykarmagyň şertlerinde obligasiýalaryň eýeleriniň olary bermek (bir tarapyň haýryna almak) hukuklaryny kemsidýän ýa-da çäklendirýän kadalar bolmaly däldir;

**b)** Obligasiýalaryň emissiýasynyň iň pes möçberi türkmen manadynda ABŞ-nyň on müň dollarynyň ekwiwalentinden we obligasiýalaryň ýüz sanysyndan az bolmaly däldir.

## 5. Listing üçin arza

**5.1.** Gymmatly kagyzlary Resmi sanawa goşmak üçin gymmatly kagyzlara rugsat soraýan tarap 1-nji goşundysyndaky görnüş boýunça arza bermelidir.

**5.2.** Rugsat soraýan tarap arza bilen birlikde şu resminamalary hem bermelidir:

**5.2.1.** Şu Tertibiň 2-nji goşundysyna laýyklykda gymmatly kagyzlaryň emitenti barada düzülen emissiýa prospekti;

**5.2.2.** Emitentiň soňky üç ýyl üçin ýa-da hakyky dowam edýän döwri üçin şu Tertibiň 3-nji goşundysyna laýyklykda düzülen ýyllyk (çärýeklik) maliýe hasabatlylygy we maliýe hasabatlylygyna degişli düşündiriş ýazgysy;

**5.2.3.** Emitentiň 5.2.2 bölümde görkezilen maliýe hasabatlylygy, birkemsiz abraýy bolan halkara auditory tarapyndan tassyklanan netijenamasynyň nusgasy;

**5.2.4.** Soňky üç ýylda kadalaşdyryjy we gözegçilik talaplaryny ýerine ýetirilişi barada hasabatlar, olar degişlilikde, Türkmenistanyň Merkezi bankyna we Türkmenistanyň Maliýe ministrligine berilýär. Şu bölümiň talaby diňe karz we ätiýaçlandyryş edaralaryna degişlidir;

**5.2.5.** Soňky üç ýylda emitentiň ýokary edarasynyň ýygnaklarynyň (çözgütleriniň) teswirnamalarynyň nusgalary;

**5.2.6.** Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň emitentiň gymmatly kagyzlarynyň emissiýasynyň döwlet tarapyndan bellige alnandygy baradaky hatynyň nusgasy;

**5.2.7.** Emitentiň rugsat berlen gymmatly kagyzlarynyň emissiýa prospektiniň we rugsat berlen gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň jemleri baradaky Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanan soňky hasabatynyň nusgalary (eger bu bar bolsa);

**5.2.8.** Emitent tarapyndan çykarylan gymmatly kagyzlaryň ähli görnüşleri barada maglumatlar: emitirlenen gymmatly kagyzlaryň görnüşleri, çykarylan seneleri, çykarmagyň şertleri, gymmatly kagyzlar boýunça diwidendleriň we/ýa-da beýleki girdejileriň tölenen seneleri we möçberleri, hasabynyň doly hasaplaşan seneleri;

**5.2.9.** Döwlet we kazyýet edaralary tarapyndan listing üçin arza berilmezinden öňki üç ýylyň dowamynda emitente salnan dolandyryş we ykdysady jerime çäreleri barada maglumatlar;

**5.2.10.** Emitentiň tertipnamasynyň we Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda oňa girizilen we bellige alnan ähli üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň nusgasy;

**5.2.11.** Emitenti döwlet tarapyndan bellige almak hakyndaky şahadatnamanyň nusgasy;

**5.2.12.** Emitentiň birinji ýolbaşçysynyň we onuň orunbasarlarynyň, baş buhgalteriň we onuň orunbasarlarynyň, Gazna biržasy bilen işlemek boýunça ygtyýarly adamlaryň gollarynyň nusgalary, rugsat soraýan tarapyň, şeýle hem emitent rugsat soraýan tarap bolup durmaýan bolsa, emitentiň özüniň möhüriniň şekili bolan kartoçka;

**5.2.13.** Emitentiň paýdarlarynyň sanawy, ýagny gatnaşyjylaryň (paýdarlaryň) umumy sany, ses berýän gatnaşyjylaryň (paýdarlaryň) sany we emitentiň esaslyk maýadaky paýy 5 we ondan köp göterime deň gatnaşyjylarynyň (paýdarlarynyň) sanawy.

**5.3.** Şu bölegiň 5.2.1., 5.2.2., 5.2.4. – 5.2.12. bölümlerinde sanalyp geçilen resminamalar tikilip çatylmalydyr, belgilenmeleridir, emitentiň ýolbaşçysy ýa-da onuň orunbasary, baş buhgalteri ýa-da onuň orunbasary tarapyndan gol çekilmelidir we emitentiň möhüri basylyp tassyklanmalydyr.

**5.4.** Şu bölegiň 5.2.10. – 5.2.13. bölümlerinde sanalyp geçilen resminamalar bellenilen tertipde tassyklanmalydyr.

**5.5.** Şu bölegiň 5.2.1., 5.2.2., 5.2.4. bölümlerinde sanalyp geçilen resminamalar elektron görnüşde berilmelidir. Resminamalaryň elektron görnüşleri Gazna biržasy bilen ylalaşylmalydyr.

**5.6.** Resminamalaryň asyl nusgalary türkmen dilinden başga dilde düzülen ýagdaýynda, olaryň ýanyna dogrulygy kepillendirilen türkmen diline terjimesi goşulmalydyr.

**5.7.** Gazna biržasynyň rugsat soraýan tarapdan şu bölegiň 2-nji bölüminde we 6-njy bölegiň 1-nji bölüminde görkezilmedik, ýöne gymmatly kagyzlaryň listingi barada esasly çözgüt kabul etmek üçin zerur bolan goşmaça resminamalaryň berilmegini talap etmäge haky bardyr.

## 6. Gymmatly kagyzlaryň iri bukjalaryny birinji gezek ýerleşdirmek we satmak

**6.1.** Birinji gezek ýerleşdirmek üçin niýetlenen gymmatly kagyzlaryň listingi geçirilende rugsat soraýan tarap 5-nji bölekde sanalyp geçilenlerden başga-da, şu resminamalary goşmaça bermäge borçlydyr:

**6.1.1.** Gymmatly kagyzlaryň çykaryljakdygy barada gysgaça maglumatlary: çykaryljak möçberi, ýerleşdirilip başlanjak senesi, ýerleşdirmegi geçirmegiň meýilnamasy;

**6.1.2.** Gymmatly kagyzlary ýerleşdirmek bilen meşgullanýan kärhana (gurama) barada maglumatlary: habarlaşmak üçin telefonlary, salgysy, ygtyýarly işgärleriniň sanawy;

**6.1.3.** Eger ol bar bolsa, anderraýter bilen şertnamanyň şertleri.

**6.2.** Gazna biržasy, gymmatly kagyzlaryň iri bukjasynyň birinji gezek ýerleşdirilýändigini ýa-da satylýandygyny, birža söwdalaryna gatnaşyjylara habar bermek maksady bilen, gymmatly kagyzlary ýerleşdirmek boýunça ýörite söwdanyň geçirilmegini gurap biler.

## 7. Biržanyň listing topary

**7.1.** Gymmatly kagyzlaryň listingi baradaky arza we onuň ýanyna goşulýan resminamalar Gazna biržasynyň Listing topary tarapyndan kabul edilýär we seredilýär.

**7.2.** Listing topary, Gazna biržasynyň ýolbaşçylary, bölüm başlyklary hem-de degişli bölümleriniň hünärmenlerinden düzülýär.

**7.3.** Gazna biržasynyň listing toparynyň esasy wezipeleri, gymmatly kagyzlaryň dolanyşykda bolmagyna rugsat bermekden, gymmatly kagyzlaryň rugsat edilen derejesini kesgitlemekden, olaryň rugsat edilen beýleki derejesine geçirmekden hem-de Gazna biržasynyň içerki resminamalarynda bellenen beýleki wezipeleri ýerine ýetirmekden ybarat bolup durýar.

## 8. Gymmatly kagyzlaryň listingi üçin berlen arza seretmegiň tertibi

**8.1.** Gymmatly kagyzlaryň listingi üçin berlen arza diňe şu Tertibiň 5-nji we 6-njy böleklerine degişlilikde ähli resminamalaryň we maglumatlaryň berlen şertinde Listing topary tarapyndan seretmek üçin kabul edilýär.

**8.2.** Gymmatly kagyzlaryň listingi üçin berlen arza we onuň ýanyna goşulan resminamalara, Gazna biržasynyň Listing topary tarapyndan 10 iş günüň dowamynda seredilýär.

**8.3.** Maliýe görkezijilerine we berlen resminamalaryň hiline geçirilen seljermäniň netijesinde Listing toparynyň çözgüdi bilen emitente gymmatly kagyzlary listing etmekden ýüz döndürilendigi barada esaslandyrylan jogap berlip bilner.

**8.4.** Listing toparynyň oňyn netijenamasy bolan ýagdaýynda gymmatly kagyzlar 5 iş günüň dowamynda Resmi sanawa goşulýar.

**8.5.** Gazna biržasynyň gymmatly kagyzlaryň belli bir dereje boýunça Resmi sanawa goşulandygy ýa-da goşmakdan ýüz döndürilendigi barada, esasly bellikleri görkezmek bilen, ýüz tutan tarapa ýazmaça habar berýär.

**8.6.** Gymmatly kagyzlaryň listingi üçin berlen arza we onuň ýanyna goşulýan resminamalara Gazna biržasynyň listing topary tarapyndan 10 iş günüň dowamynda gaýtadan seredilýär.

## 9. Gymmatly kagyzlary Resmi sanawyň derejelerine geçirmegiň tertibi

**9.1.** Gymmatly kagyzlary resmi sanawyň "B" derejesinden "A" derejesine geçirmek meselesine Listing topary tarapyndan rugsat soraýan tarapyň ýa-da emitentiň ýazmaça arzasynyň we degişli resminamalaryň berlen ýagdaýynda seredilýär.

**9.2.** Gymmatly kagyzlary "A" derejeden "B" derejä geçirmek baradaky meselä, listing kompaniýasynyň "A" derejäniň talaplaryna alty aýyň dowamynda laýyk gelmedik ýagdaýynda seredilýär.

**9.3.** Gymmatly kagyzlary Resmi sanawyň bir derejesinden beýlekisine geçirmek meselesine, Listing topary 10 iş günüň dowamynda seredýär.

## 10. Gymmatly kagyzlar boýunça söwdalaryň başlanmagy

**10.1.** Gymmatly kagyzlary Resmi sanawa goşmak barada çözgüt kabul edilenden soň 10 günden gijä galman Gazna biržasynyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen bildiriş berýär.

**10.2.** Resmi sanawa goşulan gymmatly kagyzlar boýunça birinji birža söwdalarynyň geçirilýän senesi rugsat soraýan tarap bilen ylalaşyp, Gazna biržasy tarapyndan kesgitlenýär.

**10.3.** Gymmatly kagyzlar Resmi sanawyň bir derejesinden beýlekisine geçirilende, Resmi sanawyň täze derejesiniň çäklerinde söwdalar Listing topary tarapyndan gymmatly kagyzlary geçirmek barada çözgüt kabul edilen gününden soň indiki söwda gününde başlanýar.

## III. Gazna biržasynyň we rugsat soraýan tarapyň borçlary

### 11. Gazna biržasynyň borçlary

Gazna biržasynyň borçlary şulardan ybaratdyr:

**11.1.** Resmi sanawa goşulan gymmatly kagyzlar boýunça yzygiderli söwdalary geçirmek üçin zerur bolan şertleri döretmek;

**11.2.** Biržanyň içerki resminamalarynda bellenen möçberde gymmatly kagyzlar boýunça söwdalaryň netijelerini köpçülikleýin habar beriş serişdelerine yzygiderli bermek;

**11.3.** Emitentden alnan, onuň gizlin (gulluk ýa-da täjirçilik babatda) derejesine degişli eden ýa-da hemmelere elýeter bolmadyk maglumatyny, ýagny, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden we beýleki açyk çeşmelerden alnyp bilinmejek maglumatlary ýaýratmazlyk we üçünji tarapa bermezlik;

**11.4.** Bu gadagan etme şu Tertibiň 5, 6-njy we 12-nji bölekleriniň şertlerine laýyklykda Birža tarapyndan listing kompaniýalaryndan alynýan maglumatlara degişli däldir.

### 12. Rugsat soraýan tarapyň borçlary

Rugsat soraýan tarap şulara borçlydyr:

**12.1.** Her ýylda, onuň taýýarlanyşyna görä, listing kompaniýasynyň ýyllyk maliýe hasabatlylygyny bermek;

**12.2.** Emitent tarapyndan işlenip taýýarlanan we Gazna biržasy bilen ylalaşylan görnüş boýunça her ýylda, onuň taýýarlanyşyna görä, hasabat ýylynyň esasy tehniki-ykdysady görkezijilerini bermek (önümçilik işini amala aşyrýan kärhanalar üçin);

**12.3.** Taýýarlanyşyna görä, listing kompaniýasynyň aralyk balans hasabatyny we her çärýegiň jemi boýunça maliýe-hojalyk işiniň netijeleri baradaky hasabaty bermek;

**12.4.** Listing kompaniýasynyň ýokary edarasynyň her ýylky we adatdan daşary ýygnaklarynyň geçirilýän möhletleri barada Gazna biržasyna çözgüt kabul edilen pursatyndan bäş günden gijä galman ýazmaça habar bermek;

**12.5.** Geçirilenden (kabul edilenden) soň 10 günden gijä galman listing kompaniýasynyň ýokary edarasynyň ýygnaklarynyň (çözgütleriniň) teswirnamalarynyň nusgalaryny Gazna biržasyna bermek;

**12.6.** Her ýylda ýokary edaranyň ýyllyk ýygnaklary geçirilenden soň 10 günden gijä galman ýyllyk hasabatyny, derňew toparynyň ýyllyk hasabatyny, ýyllyk balansy, maliýe-hojalyk işiniň netijeleri baradaky hasabaty, pul serişdeleriniň hereketi baradaky hasabaty, maliýe hasabatlylygyna degişli düşündiriş ýazgysyny we berilýän maliýe hasabatlylygy boýunça birkemsiz abraýy bolan halkara auditoryň netijenamasyny bermek;

**12.7.** Döwlet tarapyndan gaýtadan bellige alnandan soň 10 günden gijä galman Gazna biržasyna listing kompaniýasynyň tertipnamasyna girizilen, bellige alnan üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň bellenen tertipde tassyklanan nusgalaryny (listing kompaniýasynyň bellige alnan tertipnamasynyň täze beýanynyň nusgasyny) we listing kompaniýasynyň döwlet tarapyndan gaýtadan bellige alnandygy hakynda şahadatnamanyň bellenen tertipde tassyklanan nusgasyny bermek;

**12.8.** Üýtgemeleriň bolup geçen gününden soň 10 günden gijä galman listing kompaniýasynyň, onuň şahamçalarynyň we wekilhanalarynyň hukuk salgysynyň we ýerleşýän ýeriniň üýtgändigi baradaky maglumatlary Gazna biržasyna bermek;

**12.9.** Ýokary edaranyň çözgütleriniň, hususan-da, gymmatly kagyzlary çykarmak baradaky, şahamçalary, wekilhanalary açmak, beýleki kärhanalara paýly gatnaşmak baradaky çözgütlerini we beýleki möhüm çözgütleri ýerine ýetirmegiň barşy barada Gazna biržasyna hat üsti bilen goşmaça habar bermek;

**12.10.** Çözgüt kabul edilenden soňky iş gününden gijä galman ýerine ýetiriji we gözegçilik edaralarynyň düzümindäki üýtgemeler barada Gazna biržasyna habar bermek;

**12.11.** Listing kompaniýasynyň sanawyny saklaýjynyň üýtgändigi barada Gazna biržasyna degişli şertnama baglaşylandan soňky iş gününden gijä galman habar bermek;

**12.12.** Talap arzasy alnandan soň iki iş günden gijä galman Gazna biržasyna listing kompaniýasynyň ýa-da ýerine ýetiriji edaranyň işgärleriniň üstünden kazyýete berlen talap arzalary barada habar bermek;

**12.13.** Özüniň Resmi sanawa goşulan gymmatly kagyzlarynyň gymmatyna täsir edip biljek maglumatlary haýal etmän Gazna biržasyna bermek, şulary hem goşmak bilen (eger bar bolsa):

täze çykarylan gymmatly kagyzlar barada:

- Listing kompaniýasynyň paýnamalaryny esaslyk maýanyň 5 we 5-den ýokary göterimi möçberinde ýerlemegiň göz öňünde tutulýandygy barada we olaryň esasylyk maýasynyň 5 we 5-den ýokary göterimi möçberinde beýleki kärhanalardaky paýlary satyn almagyň göz öňünde tutulýandygy barada;

- Listing kompaniýasynyň, onuň şahamçalarynyň golçur kärhanalarynyň aktiwleriniň ep-esli bölegini (aktiwleriň jemi möçberiniň 5 we 5-den ýokary göterimi) satylandygy ýa-da satylmagynyň göz öňünde tutulýandygy barada we aktiwleriň ep-esli böleginiň (aktiwleriň jemi möçberiniň 5 we 5-den

ýokary göteriminiň) satyn alnandygy we satyn almagyň göz öňünde tutulýandygy barada;

- Dolandyryş edaralarynyň kompaniýanyň işiniň netijelerine we onuň gymmatly kagyzlarynyň bahasyna täsir edip biljek çözgütleri barada;

- Kompaniýa tarapyndan özüniň ses berýän aktiwleriniň 5 göteriminden köp yzyna satyn alnandygy barada we yzyna satyn almagyň sebäpleri barada;

- Önümçilik kuwwatlyklaryny giňeltmek (kemeltmek), listing kompaniýasynyň işiniň gerimini giňeltmek (daraltmak) barada;

- Çykarylýan önümiň, işleriň we/ýa-da hyzmatlaryň görnüşiniň üýtgeýşi barada;

- Çig mal binýadynyň ýagdaýyndaky üýtgemeler barada (gazyp çykarýan we gaýtadan işleýän kompaniýalar üçin).

**12.14.** Her ýylda, şeýle hem Gazna biržasynyň birinji talaby boýunça emitentiň paýdarlary baradaky sanawy saklaýjy tarapyndan tassyklanan, şulary öz içine alýan maglumatlary bermek: gatnaşyjylaryň (paýdarlaryň) umumy sany we emitentiň onuň esaslyk maýasyndaky paýy 5 we 5-den ýokary göterime deň bolan gatnaşyjylarynyň (paýdarlarynyň) sanawy, hususyýetçiniň paýyny görkezmek bilen;

**12.15.** Gazna biržasynyň listing ýygymyny öz wagtynda tölemek;

**12.16.** Her ýylda, şeýle hem Gazna biržasynyň birinji talaby boýunça kompaniýanyň paýnamalary boýunça hasaplanyp ýazylan we hakyky tölenen diwidendler barada maglumaty bermek.

### 13. Listing kompaniýasy we rugsat soraýan tarap babatynda çäklendirmeler

**13.1.** Listing kompaniýasynyň ýa-da listing kompaniýasynyň rugsat soraýan tarap bolup durmaýan halatynda, rugsat soraýan tarapyň öz başlangyçlary bilen Resmi sanawa goşulan gymmatly kagyzlary Listing topary rugsady bolmazdan yzyna almaga haky ýokdur.

**13.2.** Listing kompaniýasynyň Gazna biržasynyň şu Tertibiň 5-nji, 6-njy we 12-nji böleklerine laýyklykda Gazna biržasy tarapyndan alnan maglumatlary Gazna biržasynyň agzalarynyň we maýa goýujylarynyň dykgatyna ýetirmek boýunça hereketlerini gadagan etmäge we çäklendirmäge haky ýokdur.

## IV. Delisting

### 14. Delisting düzgünleri

**14.1.** Gymmatly kagyzlaryň delistingi şu esaslar boýunça geçirilýär:

**14.1.1.** Listing kompaniýasynyň işiniň togtadylmagy (üýtgedip guralmagy ýa-da ýatyrylmagy);

**14.1.2.** Listing kompaniýasy tarapyndan özüniň çykaran gymmatly kagyzlaryny Gazna biržasynda söwdasy edilýän gymmatly kagyzlaryň Resmi sanawyndan çykarmak üçin arzanyň berilmegi;

Bu ýagdaýyň maýa goýujylarynyň we gymmatly kagyzlar bazaryna hünärli gatnaşyjylaryň bähbitleriniň düýpli bozulmagyna getirip biljek halatynda, Listing toparynyň gymmatly kagyzlaryň Gazna biržasynda hökmany dolanyşykda bolmaly möhletini gymmatly kagyzlary meýletin delisting etmek barada arza seredilen pursatyndan başlap on iki aýa çenli möhletini uzatmaga haky bardyr.

**14.1.3.** Listing kompaniýasynyň Resmi sanawyň listing talaplaryna laýyk gelmezligi;

**14.1.4.** Ýalňyş ýa-da doly däl maglumatlaryň berilmegi;

**14.1.5.** Listing kompaniýasy tarapyndan 12-nji bölekde görkezilen borçlaryň berjaý edilmezligi;

**14.1.6.** Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan gymmatly kagyzlaryň emissiýasy geçirilmedik diýip ykrar edilen ýagdaýynda;

**14.1.7.** Listing kompaniýasynyň maliýe ýagdaýynyň birden ýaramazlaşmagy bilen baglanyşykly ýa-da başga sebäpler boýunça Listing toparynyň netijenamasynyň esasynda;

**14.1.8.** Maýa goýujylarynyň bähbitleriniň düýpli bozulmagyna getirýän beýleki sebäpler.

**14.2.** Resmi sanawyň "A" derejeli paýnamalary bilen baglaşylan ähli geleşikler boýunça paýnamalaryň sany, soňky 12 aýyň dowamynda yglan edilen umumy sanynyň göteriminiň ýarysyndan ýokary bolmadyk ýagdaýynda, bu paýnamalar Resmi sanawyň "B" derejesine geçirilýär.

**14.3.** Gymmatly kagyzlaryň wagtlaýyn ýa-da gutarnykly delistingi barada çözgüt, Listing topary tarapyndan 10 günüň dowamynda kabul edilýär.

**14.4.** Resmi sanawdan çykarylan gymmatly kagyz boýunça birža söwdalary, onuň delistingi barada çözgüt kabul edilenden soň bes edilýär.

**14.5.** Gazna biržasy, gymmatly kagyzlary delisting edilen kompaniýasyna kabul edilen delisting çözgüdi barada 10 günüň dowamynda habar berýär. Gazna biržasy bu çözgüdi köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen bildiriş berýär we özüniň gymmatly kagyzlar boýunça söwdalaryna gatnaşyjylara bu barada habar berýär.

## 15. Gymmatly kagyzlary gaýtadan listing etmek

**15.1.** Wagtlaýyn delisting edilen gymmatly kagyz onuň delisting edilmegine getiren sebäpler aradan aýrylan mahalynda Resmi sanawa goşulyp bilner.

**15.2.** Gymmatly kagyzyň gaýtadan listingi, şu Tertibiň II bölegine laýyklykda geçirilýär.

Goşundy 1

Sene "___" ____________

**ARZA**

Biz ____________________________________________

(Rugsat soraýan tarapyň doly ady)

______________________________________________

(Emitentiň doly ady (eger arza emitent gol çekmeýän bolsa))

özümiziň çykaran (eger arza emitent gol çekýän bolsa)

______________________________________________

(gymmatly kagyzlaryň ady)

Resmi sanaw boýunça Gazna biržasynyň söwdalarynda nyrh kesmek üçin rugsat bermegi haýyş edýäris.

Şu arza hödürnama hökmünde biziň Gazna biržasynyň Gymmatly kagyzlaryň listingi hakynda Tertibiň talaplary we şertleri bilen ylalaşýandygymyzy tassyklaýar.

Ýolbaşçy

Baş buhgalter

M.Ý.

Goşundy 2

## GYMMATLY KAGYZLARY GAZNA BIRŽASYNYŇ RESMI SANAWYNA GOŞMAK ÜÇIN LISTING KOMPANIÝASYNYŇ EMISSIÝA PROSPEKTINI DÜZMEK BOÝUNÇA GÖNÜKDIRME

Şu Gönükdirme Gymmatly kagyzlaryň listingi hakynda Tertibe laýyklykda işlenip taýýarlandy we onuň hökmany goşundysy bolup durýar. Gazna biržasynda listing düzgünini geçmek maksady bilen resminamalar düzülende Gazna biržasyna berilýän möhüm resminamalaryň biriniň hem listing kompaniýasynyň işini beýan edýän Emissiýa prospekti bolup durýandygy göz öňünde tutulmalydyr.

Emitentiň maliýe hasabatlylygyna degişli Düşündiriş ýazgysyndan tapawutlylykda Emissiýa prospekti mümkin bolan maýa goýujylara paýdarlar jemgyýetiniň işiniň esasy ugurlary, onuň maliýe we ykdysady ýagdaýy, şeýle hem onuň geljekki ösüşi barada düşünje bermelidir.

Emissiýa prospekti düzülende, onda beýan edilýän maglumatlary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen giňden aýan edilip bilinjekdigi göz öňünde tutulmalydyr. Emissiýa prospektinde hökmany suratda talap edilýän maglumatlar bolmalydyr:

### I. Kompaniýa barada umumy maglumatlar (ähli kompaniýalar üçin)

**1.1.** Ýuridik şahysyň bellige alnandygy hakynda şahadatnama we tertipnama laýyklykda doly we gysgaldylan ady (döwlet dilinde).

**1.2.** Eýeçilik görnüşi, guramaçylyk-hukuk görnüşi.

**1.3.** Hukuk we hakyky salgysy, salgyt kody we bank maglumatlary.

**1.4.** Işiň esasy görnüşleri, esasy pudagy.

**1.5.** Tertipnamasynyň esasy düzgünleriniň, şol sanda paýdarlaryň we dolandyryş edaralarynyň hukuklaryna degişli düzgünleriniň beýany. Esasy işi alyp barmak boýunça berlen ygtyýarnama barada maglumat.

**1.6.** Işgärleriň sany, şol sanda baş kärhanadaky we eger olar bar bolsa, şahamçalaryň işgärleriniň jemi sany.

**1.7.** Paýdarlar jemgyýetiniň birinji gezek bellige alnan we soňky gezek gaýtadan bellige alnan senelerini, paýdarlaşdyrmagyň aýratynlyklaryny görkezmek bilen, kompaniýanyň döredilişi we ösüş taryhy.

**1.8.** Eger olar bar bolsa, Kompaniýanyň birleşmelere (assosiasiýalara), birleşiklere we jemgyýetçilik guramalaryna agzalygy we/ýa-da degişliligi.

**1.9.** Halkara we ýurdumyzdaky reýting agentlikleriň beren reýtingi (eger olar bar bolsa).

## II. Listing kompaniýasynyň işi barada maglumatlar

### 2.1. Önümçilik kärhanasy

**2.1.1.** Kompaniýa öz işini alyp barmaga hukuk berýän ygtyýarnamalar barada maglumat. Patentler, şertnamalar, aýratyn hukuklar we listing kompaniýasynyň işine degerli täsir edýän şu ugra degişli beýleki maglumatlar. Gazyp çykarýan kompaniýalar üçin bölünip berlen işlenilýän dag-magdan meýdanynyň bardygy, olaryň hereket etmeli möhleti:

- Ýataklaryň gysgaça häsiýetnamasy (gurluşynyň we gazylyp alynýan peýdaly magdanlary çykarmagyň çylşyrymlylygy), geologiki we çykarylýan tebigy gorlar;

- Gazyp çykarmakda kompaniýanyň öndürijiligine deňeşdirilende tebigy gorlar bilen üpjünçiligi.

**2.1.2.** Pudaklaýyn ölçeg birliklerinde, deňeşdirilýän bahalarda we göterimlerde aňlatmak bilen, önüm öndürmegiň, çig maly çykarmagyň ýa-da hyzmat etmegiň möçberiniň soňky üç ýyldaky ýa-da hakyky dowam edip gelýän döwründäki depgini.

**2.1.3.** Listing kompaniýasy tarapyndan baglaşylan möhüm şertnamalardan, ylalaşyklardan göçürmeler. Olarda görkezilen, geljekde listing kompaniýasynyň işine degerli täsir edip biljek şertler.

**2.1.4.** Öndürilýän önümiň, çig malyň, işleriň we/ýa-da edilýän hyzmatlaryň görnüşi. Çykarylýan önümiň (edilýän hyzmatyň) häsiýetnamasy. Gazyp çykarýan kärhanalar üçin – gazylyp alynýan peýdaly magdany çykarmagyň usuly, çig malyň hil häsiýetnamasy, ýurdumyzyň kärhanalary tarapyndan olary gaýtadan işlemegiň mümkinçiligi.

**2.1.5.** Emitentiň, önümi (çig maly, hyzmatlary) ýerlemek üçin ýerine ýetirýän işleriniň beýany. Kompaniýanyň içerki we daşarky bazarlarda tutýan orny. Önümiň, çig malyň ýa-da hyzmatlaryň içerki we daşarky bazarlarda bäsleşige ukyplylygy. Esasy we alternatiw üpjün edijiler we sarp edijiler barada maglumatlar. Bar bolan üpjün edijilere we sarp edijilere baglylyk derejesi. Önümiň ýerlenişini giňeltmäge täsir edýän esasy ýagdaýlar.

**2.1.6.** Kompaniýanyň önümçilik we maddy binýadynyň beýany. Emitentiň maddy-tehniki binýady döwrebaplaşdyrmaga degişli meýilnamalary.

**2.1.7.** Kompaniýanyň işine täsir edýän esasy ýagdaýlar. Kompaniýanyň işi bilen baglanyşykly töwekgelçilikleriň beýany we olary aradan aýyrmagyň usullary.

**2.1.8.** Olaryň düşewüntliligini görkezmek bilen, listing kompaniýasy tarapyndan soňky üç ýylda amala aşyrylan maýa goýumlaryň we maksatnamalaryň beýany.

**2.1.9.** Listing kompaniýasynyň uzak möhletli strategiýasynyň we onuň ýakyn ýyllar üçin meýilnamalarynyň beýany. Ýakyn bäş ýyl üçin düýpli harajatlar meýilnamasy we maliýeleşdiriş çeşmeleri.

**2.1.10.** Bäsdeş firmalar barada maglumatlar, listing kompaniýasynyň işiniň ýurt boýunça ortaça pudak görkezijileri we eger olar bar bolsa, dünýä boýunça ortaça görkezijiler bilen deňeşdirme häsiýetnamasy.

**2.1.11.** Kompaniýanyň milli we daşary ýurt pulynda alnan karzlar barada maglumat.

## 2.2. Bank we bank däl karz edaralary

**2.2.1.** Listing kompaniýasynyň işiniň, içerki we daşarky maýa bazarlarynda onuň tutýan ornunyň beýany, milli we daşary ýurt pulynda alnan karzlar we uzak möhletli reýtingler barada maglumatlar.

**2.2.2.** Öň alnan we bar bolan ygtyýarnamalar barada maglumat.

**2.2.3.** Edilýän hyzmatlaryň görnüşi we häsiýeti. Müşderiler binýadynyň, şeýle hem ony giňeltmäge, edilýän hyzmatlaryň hilini, görnüşlerini we özüne düşýän gymmatyny gowulandyrmaga gönükdirilen çäreleriň beýany.

**2.2.4.** Emitentiň hasaplaşyk ulgamynyň häsiýetnamasy: ýurduň içinde we bütin dünýä boýunça tölegleri geçirmegiň çaltlygy, töleg ulgamynyň häsiýetnamasy, korrespondent gatnaşyklary barada maglumat.

**2.2.5.** Kompaniýanyň girdejili aktiwleriniň gurluşy hem-de olaryň üýtgemegine oňyn ýa-da ýaramaz täsir edip bilýän ýagdaýlaryň häsiýetnamasy.

**2.2.6.** Kompaniýanyň karz bukjasynyň gurluşy, soňky üç ýylyň dowamynda we onyň üýtgemeginiň häsiýeti. Karzlaşdyrmak babatda ileri tutulýan pudaklary kesgitlemäge täsir edýän ýagdaýlar.

Soňky üç ýylyň dowamynda, karzlaryň her bir topary boýunça emele gelen ätiýaçlyk gorlaryny görkezmek bilen, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň klassifikasiýasy boýunça kompaniýanyň karz bukjasynyň hillere bölünişi we ony gowulandyrmaga gönükdirilen çäreleriň beýany. Balans hasabyndan öçürilip balansdan daşgary hasaba geçirilen karzlary barada maglumat.

**2.2.7.** Kompaniýanyň passiwleriniň gurluşy, soňky üç ýylyň dowamynda onyň üýtgemeginiň häsiýeti (şahsy taraplaryň depozitleriniň, bankara bazarynda alnan karzlaryň, halkara karz ugurlary boýunça çekilen serişdeleriň paýy).

**2.2.8.** Listing kompaniýasynyň girdejileri we çykdajylary barada maglumat hem-de geljek üç ýylyň dowamynda olaryň gurluşynyň üýtgemegine täsir edip bilýän ýagdaýlar.

**2.2.9.** Olaryň düşewüntliligini görkezmek bilen, soňky üç ýylda listing kompaniýasy tarapyndan amala aşyrylan maýa goýumlaryň we maksatnamalaryň beýany. Emitentiň uzak möhletli strategiýasy we ýakyn ýyllar üçin meýilnamalary.

**2.2.10.** Emitente salnan dolandyryş we ykdysady jerime çäreleri barada maglumat.

**2.2.11.** Bäsdeş kompaniýalar barada maglumatlar. Listing kompaniýasynyň hyzmatlar bazarynda bäsleşige ukyplylygyna täsir edýän esasy ýagdaýlar. Kompaniýanyň işi bilen bagly töwekgelçilikler we olary aradan aýyrmak boýunça göz öňünden tutulan usullar.

## III. Listing kompaniýasynyň gurluşy (ähli kompaniýalar üçin)

**3.1.** Paýnamalaryň 5 göterimine we 5-den köp möçberine eýelik edýän paýdarlaryň sanawy. Kompaniýanyň hususy serişdesiniň gurluşy, soňky üç ýylyň dowamynda we onuň üýtgemegi, maýanyň ýeterlilik derejesiniň üýtgemegi.

**3.2.** Kompaniýanyň strategik maýa goýujylar barada maglumat: baş edarasy we wekilhanalary barada maglumatlary görkezmek bilen, häsiýetnama; içerki we daşarky bazarlarda işlemegiň strategiýasy; göz öňünde tutulýan maksatlar; şeýle hem strategik maýa goýujylaryň işini häsiýetlendirmek üçin degerli ähmiýeti bolan islendik beýleki maglumatlar.

**3.3.** Olaryň doly atlaryny, hukuk salgylaryny we hakyky ýerleşýän ýerlerini, şeýle hem döwlet tarapyndan bellige alnandygy baradaky maglumatlary görkezmek bilen, listing kompaniýasynyň bäş göterimden ýokary paýdary bolup durýan ýuridik şahyslary barada maglumatlar. Listing kompaniýasynyň şeýle kärhanalara gatnaşyk derejesi.

**3.4.** Olaryň doly atlaryny, hukuk salgylaryny we hakyky ýerleşýän ýerlerini, şeýle hem döwlet tarapyndan bellige alnandygy baradaky maglumatlary görkezmek bilen, esaslandyryjy kompaniýalar bilen özara gatnaşyklar.

**3.5.** Guramaçylyk gurluşy we dolandyryş edaralary.

**3.6.** Ýolbaşçy işgärleriň sanawy: ýolbaşçy işgärler diýip ýerine ýetiriji we gözegçilik edaralarynyň agzalaryna, ýolbaşça we onuň orunbasarlaryna, baş buhgaltere we onuň orunbasarlaryna, gurluş birlikleriniň ýolbaşçylaryna, şahamçalaryň we wekilhanalaryň ýolbaşçylaryna we baş buhgalterlerine, şeýle hem olaryň orunbasarlaryna düşünilýär.

**3.7.** Ýerine ýetiriji ýolbaşçylarynyň gysgaça terjimehaly.

## IV. Çykarylan gymmatly kagyzlar barada maglumatlar

Gymmatly kagyzlaryň emissiýasynyň gurluşy (gymmatly kagyzlaryň görnüşleri, olaryň nominal gymmaty we ş.m.).

## V. Emissiýa prospektini düzmek boýunça Gazna biržasynyň listing kompaniýalary üçin maslahatlary

**5.1.** Emissiýa prospektinde listing kompaniýasynyň işi barada dürs we doly maglumatlar bolmalydyr. Emissiýa prospektinde degerli maglumatlaryň hiç biri gözden salynmaly däldir. Kompaniýa barada düşünjäni emele getirmek üçin ähmiýeti bolan, ýöne şu görkezijä laýyklykda hökmany maglumatlaryň hataryna girmeýän maglumat Emissiýa prospektinde beýan edilmelidir.

**5.2.** Emissiýa prospekti mahabatlandyryş prospektine öwrülmeli däldir.

**5.3.** Emissiýa prospekti barada resmi pikir (garaýyş) garaşsyz hukuk ýa-da auditor guramasyndan alynsa gowy bolar.

**5.4.** Emissiýa prospekti berk resmileşdirilen resminama bolup durmaýar we emitentiň islegine görä, oňa emitentiň pikiriçe möhüm bolup durýan maglumat goşulyp bilner.

# LISTING KOMPANIÝASYNYŇ MALIÝE HASABATLYLYGYNA BILDIRILÝÄN TALAPLAR

Hasabatlylyk iki görnüşde berilmelidir: listing kompaniýasynyň möhüri we birinji ýolbaşçylarynyň gollary bilen tassyklanan kagyz görnüşinde; elektron görnüşde.

Hasabatlylygyň elektron görnüşi mazmuny boýunça kagyz görnüşinde berlen, tassyklanan resminamalara doly laýyk gelmelidir. Maliýe hasabatlylygynyň ähli maglumatlar türkmen dilinde bolmalydyr.

Listing kompaniýalaryny, Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň halkara standartlaryna laýyklykda ýa-da Maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda düzülen maliýe hasabatlylygyny bermäge haky bardyr. Berilýän maliýe hasabatlylygy hemişe diňe agzalan standartlaryň birine laýyklykda ýerine ýetirilen bolmalydyr. Bir standartdan beýlekä geçilende ozal berlen maliýe hasabatlylygy täze saýlanyp alnan standarta laýyk getirilmelidir.

Gazna biržasyna berilýän, Maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda düzülen maliýe hasabatlylygy aşakda görkezilýän talaplara laýyk gelmelidir.

## I. Karz däl edaralar

**1.1.** Maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna, listing kompaniýasy tarapyndan buhgalterçilik hasaba alnyşyny alyp barmak üçin kabul edilen hasaba alyş syýasatyna laýyk gelmelidir. Hasabatlylyk şu görnüşde berilýär:

**1.1.1.** Hasabat döwrüniň ahyrky senesindäki ýagdaýa görä maliýe hasabaty;

**1.1.2.** Hasabat döwrüniň ahyrky senesindäki ýagdaýa görä girdeji-çykdajy barada barada hasabat;

**1.1.3.** Hasabat döwrüniň ahyrky senesindäki ýagdaýa görä pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat;

**1.1.4.** Hasabat döwrüniň ahyrky senesindäki ýagdaýa görä hususy serişdeleriniň üýtgemegi barada hasabat;

**1.1.5.** Maliýe hasabatlylygyna degişli düşündiriş ýazgysy;

**1.1.6.** Birkemsiz abraýy bolan halkara auditor guramasynyň maliýe hasabatlylygy boýunça netijenamasy.

## II. Banklar

**2.1.** Maliýe hasabatlylygynyň görnüşi, Türkmenistanyň ikinji derejedäki banklarynda Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň täze hasaplar meýilnamasyna laýyk gelmelidir. Hasabatlylyk şu görnüşde berilýär:

**2.1.1.** Hasabat döwrüniň ahyrky senesindäki ýagdaýa görä ýyllyk balans hasabaty, ol maliýe (yzygiderli) hasabatlylygyň "Jebislendirilen balans hasabaty" tablisasyna laýyklykda doldurylýar;

**2.1.2.** Hasabat döwrüniň ahyrky senesindäki ýagdaýa görä peýdalar we ýitgiler barada hasabat, ol maliýe (yzygiderli) hasabatlylygyň "Peýdalar we ýitgiler barada hasabat" tablisasyna laýyklykda doldurylýar;

**2.1.3.** Hasabat döwrüniň ahyrky senesindäki ýagdaýa görä pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat;

**2.1.4.** Hasabat döwrüniň ahyrky senesindäki ýagdaýa görä hususy serişdeleriniň üýtgemegi barada hasabat;

**2.1.5.** Maliýe hasabatlylygyna degişli düşündiriş ýazgysy;

**2.1.6.** Birkemsiz abraýy bolan halkara auditor guramasynyň maliýe hasabatlylygy boýunça netijenamasy.